# Garga

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Garga GARGA

Gara geýinseñ-de, ak ýürek bilen,
Dost gazansañ bolmaýarmy özüñe.
Çöle çykyp mydam heşelle kakýañ,
Ýeke maslyk görünäýse gözüñe.

Çöllükde gar peşäp gyşy geçirýäñ,
Beýleki guşlaryñ dynç alýan wagty.
Il-ýurduñ wasp edip aýdañok aýdym,
Baharda guşlaryñ saýraýan wagty.

Begenip bileñok iliñ bagtyna,
Belki-de şatlanmak ol saña ýatdyr.
Göçüp-gonup ýörsüñ bilemok weli,
Asla sende belli Watanam ýokdur.

Nurýagdy SEÝITLIÝEW. Goşgular